**TDS 1.12-2017**

**<u>TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY</u>**

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINIŇ SEKTORLARYNYŇ DÖWLET KLASSIFIKATORY

**Resmi neşir**

**«Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy**
**Aşgabat 2017 ý.**

## Sözbaşy

1 Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan **IŞLENIP DÜZÜLDI WE HÖDÜRLENDI**

2 «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugynyň 2017-nji ýylyň mart aýynyň 24-indäki (indaky) № 47-iş buýrugy bilen **TASSYKLANYLDY WE GÜÝJE GIRIZILDI**

3 **TDS 1.12-97 DEREGINE**

Bu standarty «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugyndan rugsatsyz doly ýa-da bölekleýin görnüşde täzeden ýazmak, köpeltmek we ýaýratmak gadagan.

## Mazmuny


1 Ulanylýan ugurlary .....……………………..............………..  1

2 Kadalaşdyryjy resminamalar ……………………….……..  2

3 Klassifikasiýanyň obýektleri…………………………………  2

4 Klassifikatoryň düzümi……………………………......  2

5 Klassifikatoryň ulanylyşy ...……………………………..  3

6 Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatory ............................……………….................  4

7 A goşundy. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynda ulanylýan esasy statistik düşünjeler we kesgitlemeler ………….................................................  7

8 B goşundy. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynyň esasy düzgünnamasy ……….......  12

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY**

---

**Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatory**

**Государственный классификатор секторов экономики Туркменистана**

**State classification of Turkmenistans ekonomics sectors**

---

Girizilen senesi 2017-05-01

## 1. Ulanylýan ugurlary

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatory ykdysadyýetiň sektorlaryna olaryň ykdysady işlerine we degişliligine laýyklykda, bu makroykdysady görkezijileri işläp taýýarlamak we ykdysadyýetde sektorlaryň arasynda akymlary seljermek bilen bagly institusional birlikleri klassifikasiýalamak we kodlamak üçin niýetlenendir.

Bu klassifikator 2008-nji ýylyň Milli hasaplar ulgamynda beýan edilen ykdysadyýetiň sektorlarynyň ugurnamalary esasynda gurlandyr (mundan beýläk: MHU-2008).

Bu klassifikator girdejileriň we çykdajylaryň akymyny öwrenmekde we seljermekde hasapda milli hasaplar ulgamyny ulanmak üçin, şeýle hem Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň institusional birliklerini klassifisirlemek we belgilemek üçin niýetlenendir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynyň Türkmenistanyň döwlet statistikasynyň kadalaşdyryjy resminamasynyň derejesi bar we hojalyk subýektleriniň işlerine döwlet statistik gözegçiligini geçirmekde ulanmak üçin, şeýle hem ykdysadyýetiň sektorlary boýunça institusional birlikleriň bölünişiginde makroykdysady görkezijileri işläp taýýarlamak üçin hökmanydyr.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatory Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Ykdysady we ösüş ministrligi we beýleki ministrlikler we pudak edaralary makroykdysady görkezijileri işläp taýýarlamakda we ykdysdyýetiň sektorlary boýunça institusional birlikler bölünişiginde seljerme geçirmekde hökmany ulanmak üçin gerek bolup durýar.

---

Resmi neşir

## 2. Salgylanmalar

Şu standartda aşakdaky resminama ulanyldy:

- TDS 1.5-2015 Türkmenistanyň döwlet standartlaşdyryş ulgamy. Standartlaryň düzülişine, beýan edilişine, resmileşdirilişine we mazmunyna bildirilýän umumy talaplar.

## 3. Klassifikasiýanyň obýektleri

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynyň obýektleri **institusional birlikler**, ykdysady birlikler bolup durýarlar, olar:

a) harytlara we aktiwlere öz adyndan eýeçilik etmäge hukugy bar we diýmek, beýleki institusional birlikler bilen amallarda harytlary we aktiwleri çalşyp bilerler;

b) ykdysady çözgütleri kabul edip, ykdysady işlere gatnaşyp bilýärler, olar üçin gönüden-göni kanun boýunça jogapkärçilik çekýärler we hasabat berýärler;

ç) öz adyndan jogapkärçiligi kabul etmäge, başga görnüşdäki borçlary, geljekdäki işler bilen bagly borçlary kabul etmäge we şertnamalary baglaşmaga ukyply bolmaly;

d) aktiwleriň we passiwleriň balansyny goşmak bilen, hasaplaryň doly toplumy hökman bolmalydyr, ýa-da eger olar talap edilse, ykdysady nukdaý nazardan netijeli hasaplaryň toplumynyň mazmunyny düzmäge mümkinçiligi hökman bolmalydyr.

**Institusional birlikler iki görnüşe bölünýärler**:

1) ýuridik şahslar ýa-da jemgyýetçilik guramalary;

2) fiziki şahslar ýa-da öý hojalyklary görnüşinde fiziki şahslaryň topary.

## 4. Klassifikasiýanyň düzümi

Türkmenistanyň ykdysadyýetiň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynyň düzümi iki bölekden durýar: barabarlygyndan we birlikleriniň ady. Barabarlandyryjy bölegi klassifikasiýanyň köpbasgançaklylyk tertibinde bolup, harply we sanly kodlary ulanmak bilen yzygiderli kodlamak düzgüninde bolýar. Klassifikasiýa toparlaryna bölmegiň barabarlygy üçin üýtgeýän aralykly dört belgili sanly kod ulanylýar.

Koduň düzümi şu görnüşde bolýar:

**X** - seksiýa
**XX** - sektor
**XXX** - kiçi sektor
**XXXX** - topar

Koduň düzüminiň formulasy şu görnüşde bolýar:

**X+X+X+X,**

bu ýerde:

X – MHU-2008 klassifikasiýanyň sektoral düzümine girýän klassifikasiýanyň sektorlarynyň institusional birliklerine degişliligini görkezýän koduň sanly bölegininiň toparyny aňladýan nyşan.

Klassifikator klassifikasiýa toparyna bölünmegiň 4 basgançagyndan durýar. Her bir yzygider toparlaryň kody, koduň razrýadyna gabat gelýän bir belgili sanyň goşulmagy bilen emele gelýär.

Klassifikasiýa bölünmeginiň birinji basgançagynda (X) iki bölüm görkezilendir, birinjide Türkmenistanyň tutuş ykdysadyýetinde düzülýän institusional birlikler – Türkmenistanyň dahyllylygy klassifikasiýalaşdyrylýar. Ikinji bölüm «galan dünýäni» emele getirýän Türkmenistanyň dahylly dällerini öz içine alýar.

Ikinji basgançakda (XX) institusional sektorlar, üçünjide (XXX) – kiçi sektorlar we dördünjide (XXXX) – toparlar klassifikasiýalaşdyrylýar.

**Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynyň esasy çyzgydy**




### 5. Klassifikatoryň ulanylyşy

Tütkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatoryny ulanmak indiki tertipde amala aşyrylýar we alnyp barylýar:

5.1 Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti klassifikatorlary girizmegi, taýýarlamagy, oňa üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegi amala aşyrýar.

5.2 Klassifikatorlara üýtgetmeler TDS 1.5 talaplaryna laýyklykda resmileşdirilýär.

5.3 Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti ähli ulanyjylara girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary, herekete girizmegiň tertibi we möhletleri barada habar bermegi amala aşyrýar.

## 6. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatory

1-nji tablisa

| Kody | Ady |
|---|---|
| **1 (seksiýa)** | **TUTUŞLAÝYN YKDYSADYÝET** |
| **11 (sektor)** | **Maliýe däl korporasiýalar** |
| 111 | Döwlet maliýe däl korporasiýalary |
| 112 | Milli hususy maliýe däl korporasiýalar |
| 113 | Daşary ýurt gözegçiligindäki maliýe däl korporasiýalar |
| **12 (sektor)** | **Maliýe korporasiýalar** |
| 121 | Merkezi bank |
| 122 | Merkezi bankdan başga, depozitleri kabul edýän korporasiýalar |
| 1221 | Depozitleri kabul edýän döwlet korporasiýalary |
| 1222 | Depozitleri kabul edýän milli hususy korporasiýalar, bank däl karz edaralar |
| 1223 | Daşary ýurt gözegçiligindäki depozitleri kabul edýän korporasiýalar (şahamçalar) |
| 123 | Pul bazarynyň gaznasy |
| 1231 | Pul bazarynyň döwlet gaznasy |
| 1232 | Pul bazarynyň milli hususy gaznasy |
| 1233 | Daşary ýurt gözegçiligindäki pul bazarynyň gaznasy |
| 124 | Pul däl bazarynyň maýa goýum gaznasy |
| 1241 | Pul däl bazarynyň döwlet maýa goýum gaznasy |
| 1242 | Pul däl bazarynyň milli hususy maýa goýum gaznasy |
| 1243 | Daşary ýurt gözegçiligindäki pul däl bazarynyň maýa goýum gaznasy |
| 125 | Ätiýaçlandyryş korporasiýalardan we pensiýa gaznalaryndan başga beýleki maliýe dellallary |
| 1251 | Beýleki döwlet maliýe korporasiýalary |
| 1252 | Beýleki milli hususy maliýe korporasiýalary |
| 1253 | Daşary ýurt gözegçiligindäki beýleki maliýe korporasiýalary |
| 126 | Kömekçi maliýe korporasiýalary |
| 1261 | Döwlet kömekçi maliýe korporasiýalary |
| 1262 | Milli hususy kömekçi maliýe korporasiýalary |
| 1263 | Daşary ýurt gözegçiligindäki kömekçi maliýe korporasiýalary |

1-nji tablisaň dowamy

| Kody | Ady |
|---|---|
| 127 | Keptiw maliýe edaralary |
| 1271 | Döwlet keptiw maliýe edaralary |
| 1272 | Milli hususy keptiw maliýe edaralary |
| 1273 | Daşary ýurt gözegçiligindäki keptiw maliýe edaralary |
| 128 | Ätiýaçlandyryş korporasiýalary |
| 1281 | Döwlet ätiýaçlandyryş korporasiýalary |
| 1282 | Milli hususy ätiýaçlandyryş korporasiýalary |
| 1283 | Daşary ýurt gözegçiligindäki ätiýaçlandyryş korporasiýalary |
| 129 | Pensiýa gaznasy |
| 1291 | Döwlet pensiýa gaznasy |
| 1292 | Milli hususy pensiýa gaznasy |
| 1293 | Daşary ýurt gözegçiligindäki pensiýa gaznasy |
| **13 (sektor)** | **Döwlet dolandyryş edaralary** |
| 131 | Merkezi dolandyryş edaralary (merkezi häkimiýet) |
| 1311 | Merkezi dolandyryş edaralarynyň durmuş üpjünçilik gaznasy |
| 1312 | Durmuş üpjünçilik gaznasyndan başga, merkezi dolandyryş edaralary |
| 1313 | Merkezi dolandyryş edaralarynyň täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalary |
| 132 | Sebitleýin dolandyryş edaralary |
| 1321 | Sebitleýin dolandyryş edaralarynyň durmuş üpjünçilik gaznasy |
| 1322 | Durmuş üpjünçilik gaznasyndan başga, sebitleýin dolandyryş edaralary |
| 1323 | Sebitleýin dolandyryş edaralarynyň täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalary |
| 133 | Ýerli dolandyryş edaralary |
| 1331 | Ýerli dolandyryş edaralarynyň durmuş üpjünçilik gaznasy |
| 1332 | Durmuş üpjünçilik gaznasyndan başga, ýerli dolandyryş edaralary |
| 1333 | Ýerli dolandyryş edaralarynyň täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalary |

1-nji tablisaň soňy

| Kody | Ady |
|---|---|
| **14 (sektor)** | **Öý hojalyklary** |
| 141 | Iş berijiler |
| 142 | Özbaşdak meşgul taraplar |
| 143 | Hakyna tutma boýunça işleýän taraplar |
| 144 | Eýeçilikden we transfertlerden girdeji alýanlar |
| 1441 | Eýeçilikden girdeji alýanlar |
| 1442 | Pensiýa alýanlar |
| 1443 | Başga transfert girdejilerini alýanlar |
| **15 (sektor)** | **Öý hojalyklaryna hyzmat edýän täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalar** |
| 151 | Öý hojalyklaryna hyzmat edýän milli hususy täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalar |
| 152 | Daşary ýurt gözegçiligindäki öý hojalyklaryna hyzmat edýän täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalar |
| **2 (seksiýa)** | **GALAN DÜNÝÄ** |
| **21** | GDA gatnaşyjy döwletler |
| **22** | Galan dünýäniň ýurtlary (GDA gatnaşyjy döwletlerden başgalar) |

A goşundy

**Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynda ulanylýan esasy statistik düşünjeler we kesgitlemeler**

Şu klassifikatorda milli hasaplar ulgamyny 2008 (mundan beýläk-MHU-2008) laýyklykda, degişli kesgitlemeleri bilen aşakdaky adalgalar ulanylýar:

A.1 institusional birlik – bu öz adyndan aktiwlere eýeçilik edip, borçlary kabul edip, ykdysady işlere gatnaşyp we beýleki birlikler bilen amallara girip bilýän ykdysady birlikdir;

A.2 tutuşlaýyn ýurduň ykdysadyýeti – bu dahyllylyk institusional birlikleriň toplumy. Toplumda ýurduň ykdysadyýetini düzýän dahyllylyk institusional birlikler biri-birinden institusional sektorlary özara aýyrýan bäş topara bölünýär: maliýe däl korporasiýalar, maliýe korporasiýalary, döwlet dolandyryş edaralary, öý hojalyklary we öý hojalyklaryna hyzmat edýän täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalar;

A.3 her bir institusional birligiň dahyllylygy – bu berk arabaglanyşygy bolan ykdysady çäk bolup, ol ýerde onuň ykdysady bähbidiniň agdyklyk edýän merkezi ýerleşýär;

A.4 bu ýurduň dahylly dälleri – bu beýleki ýurtlaryň dahyllylary bolup durýan birliklerdir;

A.5 ýurduň ykdysady çägine onuň geografik çägi (ýeriň meýdany), howa giňişligi, balyk tutmaklyga hukugy, energetika resurslaryna we beýleki gazylyp alynýan peýdaly resurslara hukugy goşmak bilen, çäkleýin suwlar degişlidir. Deňiz çägi bolan ýagdaýynda ykdysady çäk bu ýurda degişli bolan adalary hem öz içine alýar;

A.6 sektorlar – bu institusional birligiň toparlarydyr we her bir institusional birlik tutuşlaýyn bir ýa-da beýleki sektora hökman degişli bolmalydyr;

A.7 korporasiýa – bu bazarda ýerlemek üçin we olaryň eýeleri bolup durýan birlikleriň peýda almaklary üçin harytlary we hyzmatlary öndürmek maksady bilen döredilýän institusional birlikdir;

A.8 kwazikorporasiýa – bu hasaplaryň doly yzygiderliligini düzmek üçin ýeterlik maglumata eýe bolan, dahylly institusional birligiň eýeçiliginde ýerleşýän, korporirlenmedik kärhanadyr, eger ol aýratyn bir korporasiýa bolan bolsa we onuň eýeçiliginde bolýan gatnaşyklar bolsa, onda korporasiýa bilen paýdarlaryň gatnaşygy ýaly bolardy; ýa-da dahylly institusional birlige degişli bolan korporirlenmedik kärhanalardyr, olar uzak wagtyň ýa-da kesgitlenmedik döwrüň dowamynda bu ýurduň ykdysady çäginde esli möçberde önümçilik bilen meşgul bolýarlar;

A goşundy Dowamy.

A.9 maliýe däl korporasiýalar – bu işiň esasy görnüşi bazar harytlarynyň önümçiligi ýa-da maliýe däl hyzmatlar bolup durýan korporasiýalardyr;

A.10 döwlet maliýe däl korporasiýalary – bu dahylly bolup durýan ähli maliýe däl korporasiýalardyr we döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan gözegçilik edilýär. Korporasiýalaryň üstünden gözegçilik edilmegi direktorlary bellemek ýoly bilen korporasiýanyň baş syýasatyny gurmaga mümkinçilik berýär we «ses berýän» paýnamalaryň gözegçilik bukjasyna eýe bolmak ýa-da paýdarlaryň sesleriniň ýarysyndan gowragyna gözegçiligi gurnamak ýoly bilen amala aşyrylýar. Tejribede, gözegçiligiň başga subutnamalarynyň ýok şertinde, onuň gözegçiliginde diňe onuň ygtyýarynda ýa-da ses bermäge hukugy bar bolan bu korporasiýanyň paýnamalaryň 50 göterimden köpüsi bolan ýagdaýynda (mysal üçin, golçur kärhananyň üsti bilen) institusional birlik ol ýa-da başga korporasiýa gözegçilik edýär diýip şertli hasap etmek maslahat berilýär;

A.11 milli hususy maliýe däl korporasiýalar – bu döwlet dolandyryş edaralary ýa-da institusional birlik – dahylly däller tarapyndan gözegçilige degişli däl bolan ähli maliýe däl korporasiýalar – dahyllylardyr. Olara hojalyk şereketleri, paýdarlar jemgyýeti we önümçilik hyzmatdaşlyklar degişlidir. Bu kiçi sektor harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiligi bilen meşgul bolýan bazar täjirçilik däl guramalary (mundan beýläk-TDG) öz içine alýar, mysal üçin, tölegli esasda bilim ýa-da saglyk ugrunda hyzmat edýän bazar TDG-lar, ýa-da kärhanalara hyzmat edýän söwda birleşikleri;

A.12 daşary ýurt gözegçiligindäki maliýe däl korporasiýalar – bu institusional birliklere – dahylly dällere gözegçilik edýän ähli maliýe däl korporasiýalar – dahyllylardyr. Bu kiçi sektor daşary ýurt gözegçiligine ýerleşýän korporasiýalary hem öz içine alýar;

A.13 maliýe korporasiýalary – bu beýleki institusional birliklere, şeýle hem ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna we pensiýa gaznalaryna maliýe hyzmatlaryny hödürlemek bilen meşgul bolýan ähli dahylly korporasiýalardyr;

A.14 Merkezi bank – bu maliýe ulgamynyň esasy jähtlerine gözegçiligi amala aşyrýan milli maliýe edarasydyr. Bu kiçi sektora aşakdaky maliýe dellalçylygy degişlidir: Merkezi banky, haçan-da ol merkezi bankyň ulgamynyň bir bölegi bolan ýagdaýynda; Walýuta geňeşleri ýa-da daşary ýurt walýutasynyň ätiýaçlyklaryna doly berkidilen, milli walýutanyň emissiýasyny amala aşyrýan garaşsyz walýuta edaralary; Merkezi pul agentlikleri, esasan hem, hasaplaryň doly toplumyny düzýän döwlet häsiýetli, emma merkezi häkimiýetiň bölegi hökmünde seredilmeýär; Gözegçiligi amala aşyrýan edaralar, olar aýratyn institusional birlik bolup durýarlar, Merkezi bank kiçi sektora däl-de, kömekçi maliýe korporasiýalarynyň kiçi sektoryna degişlidir;

A.15 Merkezi bankdan başga depozitleri kabul edýän korporasiýalar – bu olaryň işiň esasy görnüşi hökmünde maliýe dellalçylygy amala aşyrýan korporasiýalardyr. Şu maksat bilen olar depozitler görnüşinde ýa-da depozitlere meňzeş bolup durýan maliýe gurallary (gysga möhletli depozit şahadatnamalar ýaly) görnüşinde borçlary kabul edýärler;

A goşundy Dowamy.

A.16 pul bazarynyň gaznasy (mundan beýläk PBG) – bu paýnamalary ýa-da ilatyň paýlaryny satmak ýoly bilen serişdeleri jemleýän köpçülikleýin maýa goýum maksatnamalarydyr. Alnan serişdeler pul bazarynyň, paýnamalaryň ýa-da PBG-nyň paýlarynyň gurallaryna maýalaşdyrylýar, olar bergisini üzmegiň bir ýyldan köp bolmadyk galan ýapmak möhleti bilen bergi gurallaryna, pul bazarynyň gurallarynyň göterim derejesine golaý bolan girdeji almak maksady bilen  bank depozitlerine we gurallaryna geçirilýär. PBG –nyň paýnamalary çekleriň we üçünji tarapyň göni tölegleriniň beýleki görnüşleriniň kömegi bilen berlip bilner;

A.17 pul däl bazarynyň maýa goýum gaznasy – bu paýnamalary we paýlary göýbermek ýoly bilen ilatyň serişdelerini çekýän köpçülikleýin maýa goýum maksatnamasydyr. Alnan serişdeler, esasan gysga möhletli aktiwlerden başga, maliýe aktiwlerine we maliýe däl aktiwlerine goýulýar;

A.18 ätiýaçlandyryş korporasiýalaryndan we pensiýa gaznalaryndan başga, beýleki maliýe dellallary – bu bazarda maliýe amallaryna gatnaşmak bilen  maliýe aktiwleri satyn almak maksady bilen, puldan, depozitlerden ýa-da depozitlere meňzeşlerden tapawutly görnüşde borçlary kabul etmek ýoly bilen öz adyndan maliýe hyzmatlaryny hödürlemek bilen meşgullanýan maliýe korporasiýalarydyr;

A.19 kömekçi maliýe korporasiýalary – bu esasan, maliýe aktiwleri we borçlary bilen ýa-da bu amallar üçin düzgünleşdiriji ýagdaýlary hödürlemek bilen  baglanyşykly, ýöne kömekçi korporasiýalar amalyň predmeti bolup durýan maliýe aktiwleriniň we borçlaryň eýesi boljakdygy çak edilmeýän ýagdaýlarda işleriň görnüşleri bilen meşgul bolýan maliýe korporasiýalarydyr;

A.20 keptiw maliýe edaralary  – bu  aktiwleriň we borçlaryň uly bölegi açyk maliýe bazarynda amallara gatnaşmaýan maliýe hyzmatlaryny edýän institusional birliklerdir.  Olar diňe birlikleriniň çäklendirilen toparynyň çäginde amallary amala aşyrýan birlikleri (golçur maliýe korporasiýalary), ýa-da şol bir holding korporasiýalaryna degişli golçur korporasiýalary, ýa-da diňe bir hemaýatkär tarapyndan berlen öz hususy serişdesinden ssuda hödürleýän birlikleri öz içine alýarlar;

A.21 ätiýaçlandyryş korporasiýalary – bu esasy wezipesi ömri ätiýaçlandyrmak boýunça, betbagtçylykly ýagdaýlardan, ýangyndan ätiýaçlandyrmak ýa-da aýratyn institusional birlikleri ýa-da birlikleriň toparlaryny ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri boýunça ýa-da beýleki ätiýaçlandyryş korporasiýalaryň gaýtadan ätiýaçlandyrylmagy boýunça hyzmatlary hödürlemekden ybarat bolýan korporirlenen birliklerdir, ikitaraplaýyn gaznalardyr we beýleki birliklerdir;

A.22 pensiýa gaznalary – bu diňe olary döredýän birliklerden aýratyn institusional birlik bolup durýan pensiýa durmuş ätiýaçlandyryş gaznalarydyr;

A goşundy Dowamy.

A.23 döwlet dolandyryşy – bu merkezi döwlet dolandyryş edaralarydyr, sebitleýin dolandyryş edaralarydyr we ýerli dolandyryş edaralarydyr, bu birlikler tarapyndan esaslandyrylan we gözegçilik edilýän durmuş üpjünçilik gaznalaryny goşmak bilen. Mundan başga-da, ol döwlet dolandyryş edaralary ýa-da durmuş üpjünçilik gaznalary tarapyndan gözegçilik edilýän, bazar däl önümçiligi amala aşyrýan täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalary öz içine alýar;

A.24 durmuş üpjünçilik gaznalary – bu döwlet dolandyryşynyň her bir derejesinde hereket edýän garaşsyz institusional birlikdir. Olar aýratyn döredilýärler we döwlet tarapyndan gözegçilik edilýär, ýöne maliýe amallaryny amala aşyrmak babatynda olar özbaşdakdyr. Olara şular degişlidir: Döwlet pensiýa gaznasy, durmuş ätiýaçlandyryş gaznasy, ilaty durmuş taýdan goldamak gaznasy, hökmany ätiýaçlandyryş gaznasy, ýol gaznasy, ekologiýa we beýleki gaznalar. Girdejiler salgytlaryň we sektorlaryň birlikleriniň beýleki tutumlarynyň, şeýle hem eýeçilikden gelýän girdejileriň hasabyna emele gelýär;

A.25 merkezi dolandyryş edaralary – bu aglaba ýurtlaryň köpüsinde uly we çylşyrymly kiçi sektordyr. Ol köplenç bir institusional birlikden, goşmak köp ýurtlarda beýleki institusional birlikden durýan departamentiň ýa-da ministrligiň merkezi toparyndan durýar. Departamentler umumy döwlet býujetinde göz öňüne tutulan çykdajylaryň uly bölegine jogapkär bolup bilerler, ýöne olar köplenç aýratyn institusional birlik bolup bilmeýärler we tutuşlaýyn merkezi häkimiýetden garaşsyz aktiwleriň eýesi bolup, borçlary kabul edip, amallara gatnaşyp we ş.m. bilmeýärler;

A.26 sebitleýin dolandyryş edaralary – bu merkezi dolandyryş edaralaryndan aşakda durýan, ýöne ýerli dolandyryş edaralaryndan ýokarda durýan derejede häkimiýetiň käbir wezipelerini amala aşyrýan institusional birlikdir. Olar kimiň fiksal, kanunçylyk we ýerine ýetiriş ygtyýarlylygy aýratyn sebitlere degişli bolan institusional birliklerden ybarat, ol tutuş ýurt boýunça bölünip bilner;

A.27 ýerli dolandyryş edaralary – bu aýratyn institusional birliklerdir, goşmak ýerli dolandyryş edaralary tarapyndan gözegçilik edilýän bazar däl, täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalar. Ýerli dolandyryş edaralary administratiw we syýasy maksatlar üçin barabarlanan iň kiçi geografik çäklerde fiskal, kanunçylyk we ýerine ýetiriş ygtyýarlylygy degişli bolan institusional birliklerdir;

A.28 öý hojalygy adamlaryň köplügi, ýagny özlerini iýmit ýa-da ýaşaýyş üçin zerur bolan ähli zatlar bilen bilelikde üpjün edýän iki ýa-da birnäçe bile ýaşaýan adamlaryň topary bolup durýar. Toparyň düzümine girýän adamlar özleriniň girdejilerini birleşdirip bilerler we olaryň ol ýa-da beýleki bir derejede umumy býujeti bolup biler; olar garyndaş ýa-da garyndaş däl, ýa-da olaryň ikisiniňem utgaşmasy bolup biler. Eger-de adamlar topary bir ýaşaýyş jaý birliginde ýaşaýan, emma býujetlerini aýratyn alyp barýan we aýratynlykda naharlanýan bolsa, onda her topar aýratyn öý hojalygy hökmünde seredilmelidir. Öý hojalygy özbaşdak ýaşaýan bir adamdan hem ybarat bolup biler;

A goşundy Soňy.

A.29 iş berijiler – bu «hakyna tutma işgärler» hökmünde işler üçin bir ýa-da birnäçe adamy hemişe tutýan özbaşdak ýa-da kompanonlar bilen işleýän işgärdir;

A.30 özbaşdak iş bilen meşgul taraplar – bu hemişelik esasda hiç hili işgär tutmaýan özbaşdak ýa-da kompanon bilen işleýän işgärdir;

A.31 hakyna tutma boýunça işleýän taraplar – bu maliýe däl kärhanalarynda we maliýe edaralarynda, umumy döwlet dolandyryş edaralarynda, täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalarynda we öý hojalyklarynda hakyna tutma boýunça işleýän taraplardyr. Bu eýeçiligiň islendik görnüşindäki kärhanalaryň ýolbaşçylary bilen ýa-da aýratyn taraplar bilen zähmet şertleri we onuň tölegi barada zähmet şertnamasyny (kontraktyny, ylalaşygyny) baglaşan has köp sanly işleýänleriň toparydyr;

A.32 eýeçilikden we transfertlerden girdeji alýanlar – bu girdejiniň çeşmesi üçin eýeçilikden we transfertlerden gelýän girdeji (garrylyk boýunça pensiýa ýa-da pensiýalaryň we kömek pullarynyň beýleki görnüşleri) bolup durýan taraplardyr;

A.33 täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalar (mundan beýläk – TDG) – bu olary esaslandyrýan, gözegçilik edýän ýa-da maliýeleşdirýän birlikler üçin girdeji, peýda ýa-da beýleki maliýe bähbitleri bolmaga mümkinçiligi bolmaýan derejeli harytlary we hyzmatlary öndürmek maksady bilen döredilýän ýuridik şahslardyr ýa-da jemgyýetçilik guramalarydyr;

A.34 peýda almaklyga ugrukdyrylan guramalar (mundan beýläk – PAU);

A.35 öý hojalyklaryna hyzmat edýän täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalar (mundan beýläk – ÖHHETDG) – bu döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan gözegçilik edilmeýän bazar däl TDG-dyr. Olar mugt ýa-da ykdysadyýet boýunça ujypsyz bahada öý hojalyklarynyň harytlaryny we hyzmatlaryny hödürleýär. Bu harytlaryň we hyzmatlaryň köp bölegini özbaşdak ulanmaklygy göz öňünde tutýar, ýöne ÖHHETDG kollektiw hyzmatlaryny hem hödürläp biler.

B goşundy

**Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatorynyň esasy düzgünnamasy**

Klassifikasiýa bölünmesiniň birinji basgançagynda iki bölüm görkezilýär, olaryň birinjisinde Türkmenistanyň tutuş ykdysadyýetini düzýän institusional birlikleri – Türkmenistana dahyllylar görkezilýär. Ikinji bölüm Türkmenistana dahylly dälleri (galan dünýäni) öz içine alýar.

Ykdysadyýetiň sektorlarynyň klassifikatorynda **Türkmenistanyň tutuş milli ykdysadyýetini (1)** düzýän bäş sektor görkezilýär:

**B. 1 maliýe däl korporasiýalar (11) sektora** ähli dahylly maliýe däl korporasiýalar degişli bolup durýar we tejribede bu sektoryň uly bölegini düzýär. Mundan başga-da, bu bölek täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalary, harytlaryň we hyzmatlaryň bazar önümçiligi bilen meşgullary öz içine alýar, mysal üçin, hassahanalar, mekdepler ýa-da öz çykdajylaryny ýapmaga mümkinçilik berýän tölegli kolledžler, ýa-da maliýe däl korporasiýalardan ýa-da korporirlenmedik kärhanalardan ýazylyşyk boýunça tölegleriň hasabyna öz çykdajylaryny maliýeleşdirýän telekeçileriň assosiasiýalary. Bu assosiasiýalaryň işleri bu kärhanalaryň bähbitlerini öňe sürmekden ýa-da hyzmat etmekden ybarat;

**B. 2 maliýe korporasiýalary (12) sektory** esasy işleri maliýe dellalçylyk hyzmatlaryny, ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny we pensiýa üpjünçilik hyzmatlaryny hasaba alyp, maliýe, hyzmatlaryny hödürlemek bolup durýan ähli dahylly korporasiýalary, şeýle hem maliýe dellalçylygyna ýardam berýän iş görnüşlerini amala aşyrýan birlikleri öz içine alýar. Mundan başga-da, bu sektor maliýe häsiýetli hyzmatlaryň bazar önümçiligi bilen meşgul täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalary öz içine alýar, olar maliýe kärhanalaryndan ýazylyşyk boýunça tölegleriň hasabyna maliýeleşdirilýär we olaryň işleri bu kärhanalaryň bähbitlerini öňe sürmekden ýa-da hyzmat etmekden ybarat;

**B. 3 döwlet dolandyryş (13) sektory**, esasan, merkezi döwlet dolandyryş edaralaryny, sebitleýin dolandyryş edaralaryny we ýerli dolandyryş edaralaryny, şeýle hem bu birlikler tarapyndan esaslandyrylan we gözegçilik edilýän durmuş üpjünçilik gaznalaryny öz içine alýar. Mundan başga-da, ol döwlet dolandyryş edaralary ýa-da durmuş üpjünçilik gaznalary tarapyndan gözegçilik edilýän, bazar däl önümçiligi amala aşyrýan TDG-y hem öz içine alýar;

**B. 4 öý hojalygy (14) sektory** bu ýurduň dahyllysy bolup durýan ähli öý hojalyklaryny öz içine alýar. Olar hassahanalarda, garrylar öýlerinde, ybadathanalarda, tussaghanalarda we ş.m. uzak döwrüň dowamynda bolýan şahslardan düzülen institusional öý hojalyklaryny hem bölekleýin öz içine alýar. Öý hojalyklarynyň eýeçiligi bolup durýan korporirlenmedik kärhanalaryna aýratyn institusional birlik däl-de, eýsem, aýrylmaz bölek ýaly seredilýär, ýöne, eger ýeterlik jikme-jik hasaplar bar bolan ýagdaýynda, bu kwazikorporasiýa hökmünde oňa gaýtadan seredilmegine mümkinçilik bererdi;

B goşundy Soňy.

**B. 5 öý hojalyklaryna hyzmat edýän täjirçilik däl (telekeçilik däl) guramalary (15) sektory** döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan gözegçilik edýänleri goşmazdan, tutuş öý hojalyklaryna ýa-da jemgyýete bazar däl harytlaryny we hyzmatlaryny hödürleýän ähli dahylly TDG-y öz içine alýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň sektorlarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, Türkmenistana dahylly dälleri **«Galan dünýäni» (2)** emele getirýär we iki sektory düzýär**:**

**Sektor 21 «GDA gatnaşyjy döwletler»** (Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy) institusional birlikleri - Türkmenistana dahyllylary bilen ykdysady gatnaşyga girýän, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň geografik çäginde ýerleşýän institusional birlikleriň – dahylly dälleriň jemini öz içine alýar.

**Sektor 22 «Galan dünýäniň ýurtlary** (GDA gatnaşyjy döwletlerden başga)**»** institusional birlikler – Türkmenistana dahyllylary bilen ykdysady gatnaşykda çykyş edýän, daşary ýurtlaryň geografik çäginde ýerleşýän institusional birlikleriň – dahylly dälleriň jemini öz içine alýar.

.

---

**DSK 01.140.20**

Esasy sözler: döwlet klassifikatory, institusional birlik, dahyllylar, dahylly däller, bölüm, sektor, kiçi sektor, korporasiýa, kwazikorporasiýa, öý hojalygy.

---